# Uruş ýyllarynyñ çöregi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Uruş ýyllarynyñ çöregi URUŞ ÝYLLARYNYÑ ÇÖREGI

Nirä baksañ görünip dur gyñagy –
Gözüñ açýan diriligiñ geregi.
Gahatlykda bildiripdi özüni,
Uruş ýyllarynyñ ýiten çöregi.

Tötekmi,
Arpa nan,
Zagara, köje,
Haýsysy bolsa-da bersene, eje.
Keýpi köklük küje,
Nan ysy küje,
Açlyk jugurdysyn salyp dur içe.

Köwüş – çagarykdyr,
Köýnek – jyýrymdyr,
Açlykdan gorarsyñ sarsyz ýüregi.
Diliñ däl, gözleriñ ýalñyz soragy:
Uruş ýyllarynyñ gahat çöregi.

Ýeñiş üçin gaýgyrmadyk güýjümiz,
Açlyga,
Horluga,
Kyn güne bakman.
…Biz şol açlyk bilen ýeñdik duşmany,
Aç urşa dok ruh hökmandy, hökman!

Ata ATABAÝEW. Goşgular